# «Bu gün seni kän ýatladym…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Bu gün seni kän ýatladym…" «BU GÜN SENI KÄN ÝATLADYM…»

Bu gün seni kän ýatladym,
Agladym,
güldüm azajyk.
Ýaşlykdy,
ýanan otduk ýa?!
Ýa ýeldik?!
Gitdik azaşyp

Arzuwdyk,
Ak guwduk göýä
Ýaýylgydy ganatymyz
Bir ýoldy bizi äkitjek
Garaşyp durdy atymyz

Bir ýoldan dönjekdik yza
Maksady gujaklap bir gün…
Emma arzuwlaryñ bary
Edildi ömürlik sürgün

Sen bir gyza aşyk bolduñ.
Meñ yşkymda ýandy biri
Seni bilmen,
Meñ duýgulam
Ne ölüdi, ne-de diri.

O ýol ýeke galdy bizsiz
Peller,
birem goja A:my
Bu gün seni kän ýatladym.
Ýene çekdim köne gamy….

Zöhre ÖWEZOWA. Goşgular